# Ýoklukdaky bar adam

Category: Edebi makalalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýoklukdaky bar adam ÝOKLUKDAKY BAR ADAM

XX asyrda ykrar edilmedik görnükli rus ýazyjysy Andreý Platonowyň aradan çykanyna 60 ýyl boldy. Eger soňky ýyllarda dörän geň ýagdaý bolmasa, bu ýazyjynyň aradan çykan güni beýle ýatlanmazdy ýa-da oňa ähmiýet berilmezdi. Ýöne onuň ölüminden wagt ara açdygyça, ol biziň durmuşymyza golaýlaşýar hem onuň edebi hyzmaty beýgelýär.
A.Platonow 1899-njy ýylda dünýä inip, 1951-nji ýylyň 5-nji dekabrynda hem aradan çykypdy. Ol döredijilik işine ir başlady. 1931-nji ýylda A.A.Fadeýewiň hem I.W.Staliniň ýiti tankydyna duçar boldy. 1935-nji ýylda ony "Prawda" gazeti ýaňadan tankyt etdi. 1947-nji ýylda ol iň soňky gezek tankytlandy hem Sowet durmuşyna töhmet atýanlykda aýyplandy. Şondan soň onuň eserlerine doly diýen ýaly gadaganlyk girizilidi.
Ömrüniň manyly bölegini Sowet aňtaw gulluklarynyň yzarlamalary hem dürli gysyşlary astynda geçiren bu ýazyja ölenden soň hem rahatlyk bolmady. Aslynda bolsa Nobel baýragynyň eýesi Iosif Brodskiý ony Jeýms Joýs, Robert Muzil hem Frans Kafka bilen deň hatarda goýupdy. Bu ýazyjynyň döredijiliginiň belli bir çägi Türkmenistan bilen baglanyşykly.
1934-nji ýylda Moskwadan Merkezi Aziýa ýollanan ýazyjylaryň toparynda Andreý Platonow hem bardy. Ol Türkmenistan babatda jemgyýeti oýlandyryp bilýäjek meseleleriň üstünde durdy hem birnäçe eser ýady. Onuň "Takyr" hekaýasy öz döwründe ykrar edildi.
Soňra 60-70-nji ýyllarda "A.Platonowy türkmenler kabul etmez. Sebäbi ol bu halky kemsidýär" diýen gürrüňler ýaýradyldy. Megerem, şonda onuň "Jan" powestini hem ýol ýazgylaryny göz öňünde tutan bolsalar gerek.

- **Türkmenleriň tanaýşy**

Bize A.Platonowy ilkinji tanadan belli kino režissýor Bulat Mansurow boldy. Çärjewde doglan bu ynsan “Şükür bagşy” filmi bilen uly abraýa eýe bolupdy. Ol 1968-nji ýylda A.Platonowyň “Takyr” hekaýasy esasynda “Gyrnak” atly filmi surata düşürdi. Filmiň operatory Hojaguly Narlyýewdi, filme saz ýazan şol wagtlar ýaş kompozitor Rejep Rejebowdy. Filmde Aman Ödäýew, Göwher Nurjanowa, Nabat Geldiýewa, Hojadurdy Narlyýew, Sary Garryýew, Baba Annanow hem Sabyr Ataýewa ýaly belli hem näbelli ýaş artistler surata düşüpdiler. Film 1970-nji ýylda köpçülige görkezildi.
80-njy ýyllaryň agaýgynda belli türkmen režissýory Kakajan Aşyrow A.Platonowyň “Jan” powestini sahna çykardy hem örän uly üstünlik gazandy. Ol sahna eseri şo döwürde SSSR-iň Döwlet baýragyna mynasyp boldy.
90-njy ýyllaryň başynda belli terjimeçi hem ýazyjy Sapargeldi Annasähet Iner ogly A.Platonowyň Türkmenistan bilen baglanyşykly gysga eserlerinden, aýratyn-da ýol ýazgylaryndan käbirini terjime etdi.
Şeýlelikde, onuň ölüminden wagt geçdigiçe, ol bize has ýakynlaşdy hem açyk boldy. Şol sanda onuň eserleri rus we düný okyjylaryna-da, öz ýazylan wagtyndan ýarym asyr geçenden soň ýetip başlady. Onuň 1926-1929-njy ýyllarda döreden eserleri diňe 1978-nji ýylda ABŞ-da çap edildi. Onuň öz ýurdunda bolsa 1987-nji ýylda “Ýuwenil deňzi” hem “Kotlowan”, 1988-nji ýylda hem “Çewengur” romany çap edildi.
Eýsem, näme üçin Andreý Platonowy türkmenler halamaz ýa-da ony ýigrener diýdiler? Sebäbi ol türkmeniň gaty agyr durmuş şertlerini, onuň gyrlyp, ýok bolup gitmek derejesindäki ýaşaýyşny beýan edipdi. Aslynda ol diňe türkmenleri däl, owaly bilen rus durmuşynyň iň agyr hem tragiki taraplaryny beýan edipdi. Ol bolşewikleriň durmuşa girizýän akyla sygmajak täzeliklerini ýazgarýardy. Şonuň üçin ol dürli yzarlanmalara sebäp boldy we eserleri berk gadagançylyga düşdi.
Indi bu günki günde Andreý Platonowyň Türkmenistan bilen baglanyşykly ähli ýazanlaryny terjime edip, halka ýetirmäge doly mümkinçilik bar.

Ýanwar 16, 2011 ý. Edebi makalalar